# Daglaryñ keşbi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Daglaryñ keşbi

DAGLARYÑ KEŞBI

Depesi gar, buz bürenen,
Deresi bar uz bürenen.
Jülgesi owaza dolan,
Erem, keramatly daglar.

Sende ynsanyñ keşbi bar,
Göçgün köñülleñ köşgi bar,
Berkararlygyñ yşgy bar,
Mydam berkararly daglar.

Baglarynyñ egik başy,
Miwesi küýsetmez aşy,
Gygyrsañ ynjykdyr, daşy
Indirer, gaharly daglar.

Salam berip eda bilen,
Sözleşdim men seda bilen,
Her ädimde "Huda" bilen,
Çykdym men, hatarly daglar.

Hünär berer, ussa bolsañ,
Şypa berer, hassa bolsañ,
Derýa kimin, pesde bolsañ
Bagş eder, suwlaryn daglar.

Çür depesin bürgüt gorar,
Kemerinde gaplañ gürlär,
Käkilikler täsin saýrar,
Gezerler, erkana daglar.

Ýaş soraşsañ aýtmaz syryn,

Boz dumana gaplar seriñ,
Seresap bol, basjak ýeriñ,
Gara söýmez marly darlar.

Jülgeleñde gözel iliñ,
Degräñden çekipdir ýolun,
Kä joşduryp däli siliñ,
Bolmañ, ilden arly daglar.

Çynarlary Erenidir,
Enarlary keremidir,
Awlagynda jerenidir,
Kyýatdyr, serdarly daglar.

Jülgeleri dilim-dilim,
Zawlary baglydyr, telim,
Sarkyp dur ýabany balyñ,
Ir-iýmişden gorly daglar.

Gowagynda maly gyşlar,
Janly-jandar bary gyşlar,
Turaçlar barlygyn buşlar,
Söwş eder, barly daglar.

Gozgantlydyr geçitleri,
Hatarlydyr uçutlary,
Derde dermandyr otlary,
Tebib-u-habybly daglar.

Deresinde hurma biter,
Alwan, Ülweñ, Burma biter,
Hödürleri Käbä ýeter,
Sahawat, berimli daglar.

Aşyr SALYHOGLY.

Goşgular